***Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk toýunyň toýlanýan şu ýylynda ýurdumyz uly üstünliklere, ösüşlere eýe bolýar. Häzirki wagtda dünýä derejesinde gazanylýan belent üstünlikler bolsa toý serpaýydyr. Ýurdumyzyň dürli künjeginde gurlup ulanmaga berilýän desgalar, ajaýyp binalar halkymyzyň toý şatlygyny goşalandyrýar. Şonuň üçin hem bu ajaýyp üstünlikler ýurdumyzyň parahatçylyk ýoly bilen barha öňe barýandygyny, beýik ösüşlere eýe bolýandygyny alamatlandyrýar.***

Häzirki wagtda ýurdumyz dünýä ýurtlary, abraýly guramalar bilen netijeli hyzmatdaşlygy ösdürýär. Şonuň ýaly-da, umumadamzat bähbitli başlangyçlary teklip edip, dünýäde durnukly ösüşi üpjün etmäge mynasyp goşant goşýar. Ýakynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherinden hoş habaryň gelmegi ähli ildeşlerimizi buýsandyrdy. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 18-nji plenar mejlisinde «Awaza syýasy Jarnamasy» atly Kararnamanyň kabul edilmegi asylly ýörelgeleriň rowaçlanmagydyr. Bu beýik başlangyçlar ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygyndan, halkymyzyň parahatçylyk söýüjilik ýörelgesinden gözbaş alýar.

Türkmen halky özüniň Garaşsyzlygyny gazanmagy bilen turuwbaşdan halkara gatnaşyklary ulgamynda parahatsöýüji, birek-birege hormat goýmak, düşünişmek ýörelgelerine esaslanýan döwlet hökmünde özüni tanatdy. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda dünýäniň iň iri halkara guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan Türkmenistan döwletimize hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň berilmegi bolsa, biziň ata-babalarymyzdan dowam edip gelýän hoşniýetli hyzmatdaşlyk gatnaşyklarymyzyň ykrarnamasy boldy. 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 69-njy taryhy mejlisinde 193 döwletiň ses bermeginde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama kabul edildi. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň BMG-niň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllyk ýubileýi bilen utgaşmagy ýurdumyz üçin aýratyn ähmiýetlidir. Sebäbi bu taryhy sene Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy bilen gabat gelýär. Geçen 30 ýylyň dowamynda Bitarap döwletimiz bu ugurda baý tejribe toplap, ylalaşdyryjylygyň we dostlugyň mekanyna öwrüldi. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunda birnäçe taryhy işler amala aşyryldy. Ýurdumyz sebitde, galyberse-de dünýäde parahatçylygy goraýjy, ylalaşdyryjy merkez hökmünde tanaldy.

**Ýazberdi AKYMMAÝEW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.**

Все права защищены